**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ HALK**
**BILIMI MINISTRLIGI**
**RESPUBLIKAN TÄLIM MERKEZI**

# TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY BOÝUNÇA IX, XI SYNPLARDA GUTARDYŞ WE V,VII SYNPLARDA SYNPDAN-SYNPA GEÇIRIŞ, EKZAMENINIŇ MATERIALLARY



**Daşkent 2019**

**TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY**
**IX,XI synplar üçin**

**XI synp**

XI synpyň okuwçylary gutardyş synagynda düzme ýazýarlar.

Okuwçylar ýazuw işlerini ýazanda öz pikirini gysga, yzygider, tema dogry gelýän ýagdaýda beýan etmelidirler. Ýazuw işinde Özbegistan Respublikasynyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan üstünlikleri, ata-babalarymyzyň ruhy we medeni mirasy, halkymyzyň gadyrlanyp gelýän däp-dessurlary, edim-gylymlary, ösen tehnika we kommunikasiýa tehnologiýalary, bazar ykdysadyýeti, dostluk-doganlyk, agzybirlik, häzirki zamandaky dünýäde bolup geçýän halkara problemalar hakyndaky bilimlerinden peýdalanmalydyrlar. Şonuň bilen birlikde okuwçylar öz döreden goşgulary ýa-da başga döredijilik işlerinden hem peýdalanyp bilerler.

Düzmäniň temalary 4 wariantda taýýarlanýar.Her bir wariantda 2 tema (1sany edebi döredijilik temada, 1sany erkin temada) berilýär. Islendik bir okuwçynyň kömegi bilen wariantlardan biri (konwertda) saýlanyp alynýar. Temalaryň ady okuwçylara okap eşitdirilýär we tagta ýazylýar. Düzme ýazmak üçin 4 sagat (240 minut) wagt berilýär.

11-nji synpda düzme 3 sahypadan 5 sahypa çenli bolmalydyr.

XI synp okuwçylaryna 2018-2019-njy okuw ýylynda türkmen dili we edebiýat boýunça geçiriljek döwlet ekzameninde düzme ýazmak üçin aşakdaky temalar hödürlenýär.

**1-nji wariant**

1. Magtymguly saýrak dili türkmeniň.
**2.** Özbegistan — Watanym meniň.

**2-nji wariant**

1. Mollanepesiň söýgi lirikasy.
2. Meniň durmuşdaky arzuwym.

**3-nji wariant**

**1.** N. Saryhanowyň «Şükür bagşy» powestiniň saňa eden täsiri.
**2.** Kitap bilimiň çeşmesi.

**4-nji wariant**

**1.** Hydyr Derýaýewiň “Y k b a l” romanynda Uzukjemalyň obrazy mertligiň we çydamlylygyň nyşany hökmünde.
**2.** Ýaşlar-Watan geljegi

**IX synp**

Döredijilik beýannamasy bu okuwçy döredijiliginiň çylşyrymly görnüşlerinden biridir. Döredijilik beýannama saýlanyp alnan tema okuwçynyň döredijilikli çemeleşýändigi sebäpli beýannamanyň başga görnüşlerinden tapawutlanýar**.** Döredijilik beýannama okuwçylary saýlanan tekstiň çeperçilik jähtden anyk we berk, logiki yzygider, durmuş bilen bagly ýagdaýda beýan etmäge, özbaşdak döredijilikli pikir ýöretmäge, türkmen diliniň baý beýan ediş serişdelerinden önümli

peýdalanmaga öwredýär, ýazma nutk başarnyklarynyň formirlenişini we sowatlylygyny ösdürýär. Bu ýönelişdäki bilimleri, başarnyklary we endikleri anyklamak maksadynda ýazylýar.

Döredijilik beýannamada çeper, medeni aň-bilim meseleleri, jemgyýetçilik we syýasy durmuş, ylmyň gazananlary hakyndaky temalar beýan edilýär.

Okuwçylar beýannamanyň aşakdaky görnüşlerinden peýdalanyp döredijilik beýannamasyny ýazýarlar.

- Tekste çeperçilik beýan etmek serişdelerinden peýdalanmak arkaly döredijilik beýannamany ýazmak
- Başlap berlen teksti öz pikirleri bilen dowam etdirmek
- Tekstäki şahsyýetleri özgerdip döredijilikli beýan etmek
- Grammatiki ýumuşly döredijilikli beýannama

Döredijilik beýannama ýazylanda okuwçylar aşakdakylara üns bermelidirler:

- Tekstiň mazmunyny we ähmiýetine çuň düşünmek, näme hakynda ýazmalydygyny düşünmek;
- Tekste degişli maglumatlary ýatda saklamak;
- Tekstiň planyny(ýönekeý) düzmek;
- Plan esasynda esasy pikiri anyk, yzygider beýan etmegi başarmak;
- Tekstdäki waka-hadysalary hemme taraplaýyn analiz edip açyp görkezmek;
- Tema degişli özbaşdak pikirlerini ýazyp bilmek;
- Jümleleri düzende usuly anyklyga, sowatlylyga üns bermek;
- Döredijilik beýannamanyň garalama nusgasy taýýar bolandan soň ,ony gaýtadan okap çykmak;
- Taýýar bolan ýazuw işini arassa göçürmek.

Beýannama tekstleri 3 wariantda taýýarlanýar. Her bir wariantda bir sany tekst bolup, her bir tekst bilen bilelikde döredijilik beýannamada ýumuş berilýär. Bir okuwçy 3 wariantdan (konwertden) birini saýlap alýar. Saýlap alnan tekstiň ady tagtada ýazylyp goýulýar.Döredijilik beýannama üçin berlen ýumuş hem tagtada ýazylýar. Mugallym döredijilik beýannamanyň tekstini bir(gerek bolsa iki) gezek okap eşitdirýär. Okuwçylar eşiden teksti boýunça berlen ýumuş esasynda döredijilik beýannamany ýazýarlar. Döredijilik beýannamanyň göwrümi keminde 3,5 sahypa bolmaly.

Döredijilik beýannamany ýazmak üçin 2 astronomik sagat wagt berilýär.

Döredijilik beýannama üçin tekst mugallym tarapyndan saýlanyp alynýar we mekdebiň metodiki geňeşinde ara alnyp maslahatlaşylýar. Makullanan material mekdebiň ýolbaşbaşçylary tarapyndan tassyklanylýar.

Umumy bilim berýän mekdepleriň 9-njy synp okuwçylarynyň taýýarlyk derejesini bahalamakda aşakdakylara üns bermeli .

- Beýannamanyň tekstiniň plan esasynda doly we yzygider beýan edilişi
- Söz, jümle we frazeologik düşünjeleri ýerlikli işletmek
- Tekstiň goşmaça ideýalar bilen doldurylandygy
- Özbaşdak we döredijilikli beýan edilişi
- Orfografik we punktuasion ýalňyşlyklara ýol berilmezligi
- Arassa ýazuwyň talap derejesinde bolmagy

Döredijilik beýannamasy we düzme üçin okuwça iki sany baha goýulýar. Birinji baha okuwçynyň döredijiligi üçin ikinjisi sowatlylygy üçin goýulýar .

**1-nji tekst**

**Bagşyçylyk**

Bagşylar türkmen halkynyň milli professional sazandalary we aýdymçylary hasaplanýar. Bagşylar aýdymy hem özleri ýerine ýetirýär, sazy hem özleri çalýarlar. Olar halk sazlaryny dutar, gyjak, gargy-tüýdük, dilli tüýdük ýaly halk saz gurallarynyň kömegi bilen çalýarlar.

Öz formasy we mazmuny taýdan ösen bagşyçylyk sungaty ýerine ýetirijiden uly professional ussatlygy talap edýär. Gadym zamanlarda bagşy diýen abraýly ady almak üçin birnäçe ýyl halypalardan hünär öwrenmeli bolupdyr. Birnäçe käte 10 ýyllaryň dowamynda aýdym aýtmagyň syrlaryny öwrenipdirler. Öz şägirdiniň ussat bagşy bolup ýetişendigini duýan halypalar olara pata beripdir. Köplenç beýle şanly günlerde halypalar pata bermek bilen birlikde, öz saz gurallaryny hem şägirdine sowgat edipdirler.

Ähli dessanlar, eposlar we halk aýdymlary nesilden-nesle, halypadan şägirde giçipdir. Şonuň üçin häzirki wagtda hem ösüp halkyň arasynda uly abraýa eýe bolan sungatyň bu görnüşine agzeki halk döredijilik sungaty diýilýär.

Türkmen bagşylaryň esasy ýaýran saz gurallary dutar we gyjak bolupdyr.

Türkmen halky bagşyçylyk sungatyna gadym döwürlerden bäri gyzyklanypdyr. Bagşylaryň oba gelmegi bu hemişe baýram ýa-da toýa öwrülip gidipdir. Bagşylary her bir maşgala uly hormat bilen myhman alypdyr. Şonuň üçin halkyň arasynda «Bagşy bilen ýagşy atyň belli bahasy ýok», «Toýuň bezegi bagşy» diýen ýaly nakyllar döräpdir. Ýerine ýetirýän repertuaryna görä, başgylar iki topara bölünýärler. Dessançy bagşylar we termeçi bagşylar. Dessançy bagşylar dessanlary we eposlary halkyň arasynda sözläp we aýdyp berýärler, ýagny dessanyň proza bölegini sözläp, goşgy bölegini saza goşup dutar we gyjak bilen aýdýarlar.

1. Tekste at dakyň.
2. Tekst boýunça beýannama ýazyň.
3. Siz haýsy meşhur bagşylary bilýärsiňiz?

**2-nji tekst**

## Akar suwuň aýdymy

Akar suw maňa öz dilinde aýdym aýdyp bererdi. Ol aýdym meň gam-gussamy ýeňledýärdi. Balyklar ýörite meniň göwnümi açjak bolup böküşýärmikä diýerdim. Dünýäde akar suw bilen balykdan arassa zat bardyr öýdemok. Tebigat bizi akar suwa bagly edip döredipdir. Şu şapyrdaşýan balyklar suwdan çykardygyň, ölýär. Adamam şeýleräk. Akar suw maňa arassalyk hem-de sahawat barada aýdym aýdyp bererdi. Ynsanyň ýüregi edil akar suwuň gözbaşy ýaly durry hem-de joşgunly bolmalydyr. Biz «Wagt suw ýaly akyp barýar» diýýäris. Biziň ömrümiz akar suwa meňzeş. Akar suw altynbaş bugdaý bilen elwan gülleri dogurýar. Adam bolsa özüniň sahawatly ýüregi bilen adamlaryň kalbyny suwarmalydyr. «Göwün göwünden suw içer» diýen nakyl ýöne ýere aýdylmandyr.Ýata suw ýaly kereplän göwünden göwün bolmaz.

Akar suw maňa atyňy eke çapmazlyk, sürüden bölünmezlik hakda aýdym aýdyp bererdi. Suw damjalardan emele gelýär. Bir damjadan sil bolmaz, bir adamdan il bolmaz.

Akar suwuň aýdymy- ömür baradaky aýdymdyr.

(B.Hudaýnazarow)

1.Tekst boýunça beýannama ýazyň.
2. Temany dowam ediň.

**3-nji tekst**

## Magtymguly

Her ýyl maý aýynda beýik türkmen klassyky şahyry Magtymgulynyň doglan güni bellenýär. Bu ýyl onuň 290 ýaşy dabaraly ýagdaýda bellenýär.

Magtymguly dostluk, watana wepalylyk, agzybirlik hakynda köp eserler ýazýar.

Magtymgulynyň döredijiligi şahyryň öz ýaşan döwrüniň öňe çykaran möhüm meselelerini ideýa-çeperçilik taýdan ýokary derejede beýan edýänligi, umumy adamzat bähbidini goldaýan pikirleri bilen ähmiýetlidir. Şahyryň akyl-paýhasa, inçe duýga ýugrulan setirleri türkmen milli ruhy bilen ýaşaýar. Her okyjy onuň goşgularynda özüniň bolşuny, gylygyny, häsiýetini görýär.

Magtymgulynyň çeper mirasynyň ähmiýetine dar galyba salnan görnüşde seretmek bolmaz. Her bir milli häsiýet umumyadamzat ahlagy bilen bitewilikde, berk we aýrylmaz baglanyşykda ösüp kämilleşýär. Şeýlelikde, Magtymguly türkmeniň milli şahyrlygynyň çäklerinden çykyp, ählumumy adamzat perzendine, ählumumy adamzat ahlagynyň aýdymçysyna öwrüldi.

Magtymgulynyň baý mazmunly, ýokary çeperçilikli poeziýasy goňşy halklaryň arasynda örän meşhurdyr.Onuň goşgularynyň toplumy özbek, täjik we başga Garaşsyz döwletleriň arkadaşlygyna girýän döwletleriň dillerine terjime edilendir. Onuň döredijiligi has-da Özbegistanda we Garagalpagystanda giňden ýaýrandyr

1.Tekst boýunça beýannama ýazyň.
2.Tekstide Magtymguly Pyragynyň watan hakyndaky goşgusylaryndan mysal getiriň we beýan ediň.

# Düzme we beýannamany bahalamak normalary

| baha | Esasy kriteriýalar | |
|---|---|---|
| | ***Mazmuny we nutky*** | ***Sowatlylyk*** |
| «5» | 1. Ýazuw işiň mazmuny tema bilen doly gabat gelýär. 2. Ýalňyş ýok, ýagny başlangyç berlen tekst bilen ýazylan tekstiň 70% gabat gelmegi 3.Mazmun yzygiderli beýan edilýär.4. Tekst leksiki taýdan baý, sözler erlikli ulanylan, dürli sintaksistik konstruksiýalar bolsa 5. Tekst eketäk stilde we täsirli ýazylan bolsa. 6. Mazmunynda 1 kemçilige ýol berilýär. | 1 orfografik ýa-da 1 punktuasion ýa-da 1 grammatik ýalňyş bolmagy mümkin |
| «4» | 1. Tekstiň mazmuny umumy alanda tema dogry gelýär, az-kem temadan çete sowulmalar bar bolsa.<br>2. Benýannamanyň mazmuny umumy alanda başlangyç tekst bilen 70% gabat gelse, tekstde 1-2 faktlarda anyksyzlyklar bar bolsa .<br>3. Pikir beýan ediliende biraz yzygiderlik bozulan bolsa.<br>4. Nutk leksiki we grammatiki taýdan etirliçe köpdürli bolsa.<br>5. Tekst eketäk stili we täsirliligi bilen tapawutlansa. | 2 \ 2 \3 , 1\ 3 \3, 0 \4 \3 görnüşdäki ýalňyşlar bolmagy mümkin. Ýöne hel ýagdaýda hem grammatiki ýalňyşlar üçden geçmeli däl, orfografiki ýalňyş ikiden geçmeli däl |
| «3» | 1. Temadan çete çykylan bolsa. 2.Umuman ýazylan iş ilkinji tekst bilen 70% gabat gelýär, ýöne 3-4 sany faktlarda anyksyzlyklar bar bolsa. 3.Beýan edilişde yzygiderlik bozulan bolsa 4. Söz baýlyk ýok, sintaksistik gurluşlar birmeňzeş bolsa 5.Sözler erliksiz ulanylsa 6.Işde eketäk stil ýok, tekst täsirli däl. 7. Mazmunynda 4 anyksyzlyga we 5 sany nutk ýalňyşlar bar bolsa | 0 \5\7, 1 \ 4-7 \ 4, 2 \3-6\4, 4 \ 4 \4, 3 \ 5 \ 4 görnüşdäki ýalňyş bolmagy mümkin. |
| **«2»** | 1.Ýazylan iş berlen tema dogry gelmeýär 2. Faktlarda köp sanly anyksyzlyklar bolup, ilkinji tekst bilen 50%-dan hem az gabat gelse 3. Beýan edilişde yzygiderlik we özara baglylyk bolmasa. Tekst plan bilen gabat gelmese 4. Leksika örän garyp bolsa. Iş bir tipli gysga sözlemler bilen ýazylan bolsa, sözler erliksiz işledilse. 5. Tekstde eketäk stil bolmasa. 6. Mazmunynda 6 anyksyzlyga we 7 sany nutk ýalňyşlar bar bolsa | 5 we ondan köp orfografik ýalňyş bolsa, punktuasion ýalňyşlaryň sanyna seretmezden; Orfografik we punktuasion ýalňyşlaryň sany 8 geçmeli däl, şol sanda 5 grammatiki ýalňyş bolsa |
| **«1»** | Mazmunynda 6 anyksyzlyga we 7 sany nutk ýalňyşlar bar bolsa | 7 we ondan artyk orfografiki, punktasion we grammatiki ýalňyşlar bar bolsa. |

***Bellik:***

1.Düzme bahalananda özbaşdaklyk, okuwçynyň pikriniň özboluşlylygy, işiň kompozisiýasy we nutkyň derejesi hasaba alynmaly. Original pikirler bar bolsa we ol dogry erlikli beýan edilen bolsa hasaba alyp, birinji bahany ýokarlandyrmaly.

2.Eger ýazma işiň göwrümi 1,5, 2 esse köp bolsa baha normalaryndaky «4» üçin ýalňyşlaryň sanyny bire, «3» üçin ikä ulaltmaly. «5» ball üçin ulaltmaly däl..

3.Başga görkezijiler boýunça kanagatlanarly ýazylan bolsa-da, eger düzmäniň (beýannamanyň) temasy açyp görkezilmese onda birinji baha položitel bolmagy mümkin däl.

4.Düzme we beýannama bahalananda bir tipdäki ýalňyşlara we düzedişlere(diktanty bahalamaga seret) üns bermeli.

## VII synplar üçin

Tälim türkmen dilinde berilýän umumy orta mekdepleriň VII synp okuwçylaryny synpdan-synpa geçirmekde türkmen dili boýunça ýazuw diktanty alynýar. Ýazylýan diktantyň teksti 120-150 sözden ybarat bolmaly. Diktantda harp we dyngy belgileriň ýalňyşlaryna ýol berilmeli däl. Sözler setirden setire dogry geçirilmeli. Tekst ýazylanda harplar bir-biri bilen dogry utgaşdyrylmaly we harplaryň ýazuw grafikasy dogry ýerine ýetirilmelidir. Ýazuw arassa ýazylmaly. Aşakda diktantlaryň tekstiniň 3 nusgasy berilýär.

**1-nji tekst**

### Begli baba

Begli baba örän täsin adam. Ömrüniň köpüsini çopançylykda geçiren goja şu günler hem Garagumda mal bakýar.

Begli baba oba gelse-de,elmydama çopan goşuna howlugýar. Garagumuň arassa howasy, giň sähra, owlak- guzularyň birenaýy sesleri onuň basym çöle gitmegine sebäp bolýar.Çölüň jümmüşindäki çopan goşlaryna günde-günaşa diýen ýaly maşyn gidip-gelip dur. Emma goja çopan welin dor atyna atlanýanyny kem görenok.

Munuň sebäbini köp adam bilmese bilmeýänem däldir. Begli babanyň düşünjesine görä, äpet maşynlar sähra asudalygyna öwrenişen çöl haýwanlaryny bezikdirýär. Örän seýrek görünýän jerenler gollara ýaň salýan maşyn sesinden ürküp, umma gaçýar. Towşanjyklar bolsa gorkujyklaryna girere deşik tapanoklar.  Garaguma bagry badaşan adam üçin sähra gözelligini onuň haýwanat dünýäsi bilen bilelikde synlamasaň, hiç bir gyzygy hem ýok. Begli baba teşne nazary bilen çaňap ýatan çöli däl-de, tebigatyň döreden ajaýyp gözelligini synlaýar,ony goraýar.

Goja çopan çagalary daşyna üýşürip, tä diňläp ýadaýançalar gyzykly gürrüňler aýdyp berýär.

154söz

**2-nji tekst**

### Guşlar hem “Watan” diýýär

Şonda baharyň gözel günleriniň biridi.Biz babamlara bardyk. Eýwanda in ýasan iki sany garlawaça gözüm düşdi.Onuň çagalary hem bar eken.Olaryň hereketlerine syn edip başladym. Babam bolsa garlawaçlara gyzyklanyp galanymy görüp, olaryň durmuşy hakynda gürrüň edip berdi. Men bolsa şol günki syn edişimden soň hakykatdan hem garlawaçlaryň edil babam aýdyp berişi ýaly durmuş geçirýändigini bildim.

Tomus başlandy. Ene babamlara myhmançylyga bardyk.Seretsem garlawaçlar ýok. Inleri erinde. Babam tomusda garlawaçlar başga ýurtlara gitýändigi, ýöne tiz-tizden öýlerinden habar alýandygy barada aýtdy.

Garlawaçlaryň inlerine bolsa başga guşlar girip alypdyr.

Bir gün gyzykly waka bolup geçdi.

Irden nähilidir sesden oýanyp gitdim. Seretsem, garlawaçlar öz inini görmäge gelipdir we ol erde bigäne guşy görüp, ses edýärdi.

Babamyň aýdyşy ýaly jandarlaryň maşgalasy,atasy, enesi, çagasy boluşy ýaly, olaryň öz öýleri hem bar.

Öz öýüni söýmek, goramak, ony watan diýip bilmek diňe adamzada mahsus häsiet däl eken.

132 söz

**3-nji tekst**

**Mugallyma hormat**

Hakykatdan hem mugallym şeýle beýik ynsandyr, biz olardan bir ömür karzdardyrys. Halypa we şägirdi gün bilen aýa meňzetsek, aý günden nur alyp, dünýäni şöhlelendirişi ýaly, şägirt halypadan ylym alyp, öz durmuş ýoluny şöhlelendirýär. Halypa – bu mugallym, halypa – bu kesp-hünär, iş öwrediji. Mugallym bu adamkärçilik, ahaklak we edeplilik boýunça tälim we terbie berijidir. Mugallym- beýik şahs. Bu beýik mertebeli kär. Ol ýaş nesle ylmyň esaslaryny öwredýär, döwrümiziň hemme taraplaýyn ösen ýaşlaryny etişdirýär. Mugallym okuwçylary öz perzentleri ýaly asraýar, kemala getirýär. Mugallym ýazyp, çyzyp , okap bilmeýän ýaş çagalary bilimli, sowatly edýär, olary terbieleýär. Halypa öz şägirdiniň akylly, sowatly, edepli bolmagyny arzuw edýär.

Mugallym özüniň daşky görnüşi, oturuş-duruşy, sözleýşi, şirin sözlüligi we edepliligi bilen okuwça görelde bolýar.

«Halypa- ataň ýaly beýik» diýip ýöne erden aýdylmaýar. Bu nakylda örän köp many bar. Nakyla amal edip mugallymlary, halypalary ata-ene ýaly uly hormat etmeli, bir ömür sylamaly.

146 söz

VII synda diktant aşakdaky ýaly bahalanýar:

| ***Bahalaryň normasy(ýalňyşlaryň sany)*** | | | | |
|---|---|---|---|---|
| ***Diktantyň görnüşi*** | «5» | *«4»* | «3» | «2» |
| Barlag diktanty | 1 Orfografik<br>2 +1punktuasion<br>1\1 | • 2 orfografik + 2 punktuasion;<br>• 1 orfografik + 3 punktuasion;<br>• 0 orfografik + 4 punktuasion<br>2\2 1\3 0\4 | • 4 orfografik + 4 punktuasion;<br>• 3 orfografik + 5 punktuasion;<br>• 0 orfografik + 7 punktuasion;<br>• 6 orfografik + 6 punktuasion (eger bir tipli we gödek bolmadyk orfogra-<br>fik we punktuasion ýalňyşlar bar bolsa)<br>4\4 3\5 0\7 6\6 | • 7 orfografik +7 punktuasion<br>• 6 orfografik +8 punktuasion;<br>• 5 orfografik+9 punktuasion;<br>• 8 orfografik +6 punktuasion<br>7\7 6\ 8 5\9 8\6 |

***Bellik:***

• *Ýokarda görkezilenden köp ýalňyş bolsa diktanta «1» ball goýulýar;*

• *Baha goýulanda ýalňyşlaryň çägine üns bermeli: «4» üçin bu çäk — 2 orfografik ýalňyş, «3»üçin — 4 orfografik ýalňyş, «2» üçin — 7 orfografik ýalňyş;*

• *«5» ball üç we ondan köp düzediş bolsa goýulmaýar;*

• *Barlag diktantynda düzedişleriň sany bäş we ondan köp bolsa baha bir ball*

*peseldilýär. Ýöne düzedişleriň sany köp bolsa baha «2» balla çenli peseldilmeýär. .*

## V synp üçin

V synpy gutarýan okuwçylar «Edebiýat» predmeti boýunça dilden synaglar tabşyrýarlar. Synag üçin düzülen biletler 2 soragdan ybaratdyr.

## Edebiýat boýunça V synp okuwçylaryny synpdan-synpa geçirmek üçin bilet soraglary.

Bilet sowallaryna okuwçylar agzeki jogap berýärler. Her biletde iki sorag berlen bolup, birinji sorag V synplarda okap öwrenilen ýazyjy-şahyrlaryň ömri we döredijiligi barasynda.

Biletleriň ikinji soraglarynda şahyrlaryň şygyrlaryny ýatdan aýdyp bermek, labyzly okamak, eseri derňemek we ondaky wakalara, gahrymanlaryň obrazlaryna bolan garaýşy beýan etmek ýaly tabşyryklary berlendir.

### 1-nji bilet

1. Magtymguly-Pyragy näçenji ýylda we nirede doglan.
2. «Balam» goşgusynyň awtory kim, ony ýatdan aýdyp beriň.

### 2-nji bilet

1. Mollanepesiň ömri we döredijiligi barada gürrüň beriň.
2. «Jykyryň» şygry kim tarapyndan döredilen we onuň mazmuny barada gürrüň beriň.

### 3-nji bilet

1. Gafur Gulamyň döredijiligini gürrüň ediň.
2. «Baş üstüne» goşgusyny ýatdan aýdyp beriň.

### 4-nji bilet

1. B.Kerbabaýew haýsy eserleri ýazypdyr?
2. «Doganlyk» şygryny ýatdan aýdyň. Goşgynyň mazmunyna siziň garaýşyňyz nähili?

### 5-nji bilet

1. A.Kekilow näçenji ýyllarda ýaşap geçdi?
2.«Kitap» powestiniň mazmunyny gysgajyk edip gürrüň beriň.

### 6-njy bilet

1. Ata Salyhyň döredijiligi we onuň ýazan basnýalary hakda gürrüň.
2. «Aňsa» goşgusyny ýatdan aýdyp beriň.

### 7-nji bilet

1. Alyşir Nowaýynyň ömri we döredijiligi barada söhbet .
2. «Çopan we patyşa» eseri haýsy žanr görnüşine degişli, onuň mazmunyny gysgaça beýan ediň.

**8-nji bilet**

1. N.Saryhanowyň ömri we döredijiligi barada edip beriň.
2. Iň oňat gören goşgyňy labyzly okap ber.

**9-njy bilet**

1. Günhoja haýsy döwrüň şahyry, onuň ömri barada aýdyp beriň.
2. «Ýagşydyr» goşgusyny ýatdan aýdyň we derňäň.

**10-njy bilet**

1. Baýram şahyryň ömri we döredijiligini gürrüň edip beriň.
2. «Şaglap iner bürgütler» goşgusyny labyzly okaň.

**11-nji bilet**

1. D.Gylyjyň ömri we döredijiligini aýdyp beriň.
2. T.Kaýypbergenowyň «Sag bol, mugallym» powestininiň gysgaça mazmuny.

**12-nji bilet**

1. Y. Ýusupowyň döredijiligini gürrüň ediň.
2. «Doganlyk» goşgusynyň awtory kim, ony labyzly okap beriň.

**13-nji bilet**

1. Gurbandurdy Zelili haýsy döwürde ýaşan?
2. Şahyryň haýsy goşgusyny ýatdan aýdyp bilersiňiz?

**14-nji bilet**

1. Seýitnazar Seýdiniň ömri we döredijiligi.
2. «Ýagşydyr» goşgusyny kim ýazdy, ony ýatdan aýdyň.

**15-nji bilet**

1. Berdimyrat Berdagyň ömri we döredijiligi hakynda gürrüň beriň.
2. «Hojaguly» goşgusynyň mazmuny.

**16-njy bilet**

1. Nurberdi Pommanyň ömri barada aýdyp beriň, ol nähili şahyr bolupdyr?
2. «Watanym» şygryny labyzly okap beriň.

**17-nji bilet**

1. Zynharynyň döredijiligi barada gürrüň beriň.
2. «Dönmenem begler» goşgusyny ýatdan aýdyň.

**18-nji bilet**

1. I.A. Krylowyň döredijiligini aýdyp beriň.
2. «Möjek bilen Guzy» basnýasyny gürrüň ediň.

**19-njy bilet**

1. A.S.Puşkin haýsy döwürde ýaşan.
2. «Türkmen dili» goşgusyny ýatdan aýdyň.

**20-nji bilet**

1. Molladurdynyň döredijiligini gysgaça gürrüň edip beriň.
2. «Garga we Tilki» basnýasynyň mazmuny.

**21-nji bilet**

1. Ä.Şamyradowyň «Howandarlyk» hekaýasynyň gysgaça mazmuny gürrüň edip beriň.
2. «Kiçijik şazada» ertekiniň mazmununy gürrüň edip beriň.

**22-nji bilet**

1. A.Aripowyň döredijiligini gürrüň edip beriň.
2. «Hellados» hekaýanyň mazmuny.

**23-nji bilet**

1. Ata Köpekmergen şahyryň ömri barada gürrüň ediň we onuň şorta sözlerinden aýdyp beriň.
2. «Ilden öwrendim» goşgusyny labyzly okaň.

**24-nji bilet**

1. A. Gowşudowyň ömri we döredijiligini aýdyň.
2. «Balykçy we balyjak hakynda erteki»ni kim ýazdy,onuň gysgaça mazmuny.

**25-nji bilet**

1. Türkmen halk döredijiligi.
2. «Dönmenem begler» goşgusyny ýatdan aýdyň.

**26-njy bilet**

1.Aýdymlar barada gürrüň edip ber.
2. Magtymgulynyň “Görüm görülmegen ýerde” atly goşgusynyň mazmunyny aýdyň.

**27-nji bilet**

1. Nakyllar barada gürrüň edip ber.
2. Zeliliniň “Diýmek biläni” atly goşgusynyň mazmunyny aýdyň.

**28-nji bilet**

1. Epos barada düşünje.
2. Mollanepesiň “Ner gezgin” atly goşgusynyň mazmunyny aýdyň.

## 29-njy bilet

1. Nodar Dumbadzeniň ömri we döredijiligini aýdyň.
2. Seniň iň oňat gören edebi gahrymanyň kim?

## 30-njy bilet

1. Antuan de Sten-Ekzýuperiniň ömri we döredijiligini aýdyň.
2. Oňat görýän goşgyňy aýdyp ber.

Okuwçylaryň agzeki jogaplaryny aşakdaky kriteriýalar boýunça bahalamaly:

- Berlen jogabyň dogrulygy we dolulygy;
- Soralan materialy okuwçy öz pikiri, mysallar we faktlar bilen subut edip bilişi;
- Jogaby anyk, konkret görnüşde säginmän beýan etmegi;
- Eser we onuň gahrymanlary barasynda özbaşdak pikirini beýan edip bilmegi;
- Eserdäki wakalary düşündirip we derňäp bilmegi, agzeki nutkynyň rowanlygy.

Agzeki jogaplaryň bahalanyşy

| **Kriteriýalar** | **Ball** | |
|---|---|---|
| Ýazyjylaryň, şahyrlaryň ömri, döredijiligi we eserleri hakynda maglumata eýe bolsa, eserde bolup geçýän waka-hadysalary düşünse we gahrymanlary häsiýetlendirip bilse, pikrini özbaşdak we döredijilikli beýan etse | 3 ball | 5 ball |
| Şygryň tekstini labyzly, ýatdan aýdyp bilse | 2 ball | |
| Ýazyjylaryň, şahyrlaryň ömri, döredijiligi bilse, eseriň mazmunyny düşünen bolsa, eseriň gahrymanlaryny umumy taryplap bilse, pikrini beýan etse | 2,5 ball | 4 ball |
| Şygry labyzly okamak normalaryna üns bermän, azrak säginip okasa | 1,5 ball | |
| Ýazyjylaryň, şahyrlaryň ömri, döredijiligini we eserlerini doly okamandygy duýulup dursa, eser we onuň gahrymanlary hakynda özbaşdak pikri bildirse | 2 ball | 3 ball |
| Şygry labyzly okamak normalary bozulsa, kabir bentler ýatdan çyksa | 1 ball | |
| Ýazyjylaryň, şahyrlaryň ömri hakynda diňe umumy maglumatlary bilse | 1 ball | 2 ball |
| Şygryň bir bölegini aýtsa, soragyň çäginde mugallym tarapyndan berlen soraglaryň käbirine jogap berse | 1 ball | |
| Biletiň soraglaryna umuman jogap berip bilmese, goşmaça soraglaryň käbirine jogap berse | 1 ball | |

***Ýatlatma:*** *berlen jogaplar görkezilen kriteriýalardan başgaçarak bolsa hem okuwçynyň hereketi göz öňüne alynýar we ýokarda görkezilen kriteriýalar esasynda bahalanýar.Okuwçy oňat okaýan bolsa, jogap berende kyýynçylyk çeken bolsa, goşmaça soraglar berilmeli.*